# GMM- Agayana

| | |
|---|---|
| **Ýurt:** | TÜRKMENISTAN |
| **Taslama belgisi:** | 52591 |
| **Işiň görnüşi:** | Önümçilik we Hyzmatlar |
| **Habarnamanyň görnüşi:** | HUSUSY |
| **Daşky Gurşawy Goramak boýunça derejesi:** | B |
| **Kesgitlenen tassyklama senesi:** | 2021-nji ýylyň 24-nji awgusty |
| **Ýagdaýy:** | Tassyklanan |
| **TGM-nyň iňlis dilinde görkezilen senesi:** | 2021-nji ýylyň 01-nji sentyabry |

# Taslamanyň Beýany

Bu Karz önümçilik desgasynyň basma dizaýn kuwwatyny ýokarlandyrmak we önümiň görnüşini giňeltmek üçin goşmaça enjamlary satyn almagy maliýeleşdirer ("Taslama").

# Taslamanyň maksatlary

Maksatlar: (1) Önümçiligi we önümleriň diwersifikasiýasyny ýokarlandyrmak. (2) Şereketiň bazardaky ýagdaýyny has-da berkitmek. (3). Özbegistana, Azerbaýjana, Täjigistana we Gyrgyzystana eksportdyň giňelmegini üpjün etmek.

# Geçiş tapgyryna täsiri

ETI 80

Göni Maliýeleşdirme Maksatnamasynyň Kiçi we Orta Telekeçilik çarçuwasynyň maksady, ilkinji nobatda, kiçi we orta kärhanalary täzeden gurmak we netijeliligi ýa-da hünär derejesini ýokarlandyrmak arkaly Bäsdeşlik hilini ösdürmek bolup durýar. Kiçi taslamalar, ikinjil maksat hökmünde beýleki geçiş hillerine degişli bolup biler. Taslamalaryň aglaba bölegi, adatça, şereketlere maliýe dolandyryşyny ösdürmek arkaly Dogry dolandyryş hiline, ýa-da energiýa netijeliligini ýa-da daşky gurşawy özgertme arkaly Ýaşyl energiýanyň hiline goldaw berýär.

# Müşderi barada maglumat

AGAÝANA
" Agaýana", jenap Nurmyrat Berdiýewiň ýeke-täk eýeçiliginde bolup, ol Türkmenistanda hasaba alnan we hereket edýän hususy kärhanadyr.

# ÝTÖB-nyň maliýeleşdirme möçberi

2,000,000.00 ABŞ dollary
ÝTÖB-nyň Karzy, dolanşykda bolan maýanyň dürli talaplaryny we bölejik tagtalaryny öndürmek üçin dürli enjamlary satyn almagy maliýeleşdirer.

# Taslamanyň umumy bahasy

2,700,000.00ABŞ dollary

# Daşky Gurşaw we Sosial Meseleleriň Gysgaça Mazmuny

Ekologiki we Sosial Syýasat 2019 boýunça B derejesine degişli edildi. Daşky gurşaw we Sosial taýdan Bütünleýin Barlag (DSBB) içerde geçirildi we tamamlanan DSBB soraglaryna syn bermek, soraglary yzarlamak we bar bolan amallar bilen baglanyşykly suratlara syn bermekden ybarat boldy. DSBB, kompaniýanyň milli kanunlara laýyk gelýändigini we ÝTÖB-nyň Daşky gurşaw we Sosial Syýasatynyň Ýerine ýetiriş Talaplaryna (ÝT) laýyk taslamany durmuşa geçirmek üçin ýeterli derejede Daşky gurşaw we Sosial (DS) töwekgelçiliklerini dolandyrmakda ukyplylygyny görkezdi. Kompaniýanyň işi bilen baglanyşykly DS töwekgelçilikleri çäklidir we Daşky gurşaw we Sosial Syýasatyň Hereket Meýilnamasynda (DSSHM) kesgitlenenleri goşmak bilen dogry dolandyryş we täsirleri azaltmak boýunça çäreleri arkaly çözülip bilner. Kompaniýadan ÝT-lary durmuşa geçirmek we her ýyl DS hasabatyny Banka tabşyrmagy talap ediler.

DSBB, müşderi tarapyndan doldurylan soragnamalarynyň synlaryna we önümçilik amallarynyň dürli ugurlary bilen baglanyşykly tabşyrylan suratlaryň esasynda ýerine ýetirildi. DSBB Kompaniýanyň DS meselelerini dolandyrmak üçin meýilnamalarynyň bardygyny we häzirki wagtda daşky gurşawy dolandyryş ulgamyny ösdürýändigini görkezdi. Işgärleriň dolandyryma syýasaty milli zähmet kodeksine laýyk gelýär we ähli işçiler iş şertleri barada ýazmaça maglumatlar bilen üpjün edilýär. Işçiniň arz-şikaýat mehanizmi resmileşmedik ýagdaýda bar. Kompaniýa, 18 ýaşa ýetmedik adamlaryň işlemeýändiklerini tassyklady we işgärleriň hiç bir kärdeşler arkalaşygynyň agzasy däldigi we häzirki wagtda köpçülikleýin şertnama baglaşylmaýandygyna garamazdan işgärleriň guramaçylyk hukugynyň bardygyny tassyklady. Kompaniýanyň geljekde Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşygyna goşulmak barada meýilnamalarynyň bardygy tassyklandy.

Kompaniýanyň daşky gurşaw rugsady bar we bu rugsada degişli barlaglar soňky gezek degişli edaralar tarapyndan 2018-nji ýylda geçirildi. Kompaniýa, önümçilik prosesiniň netijesinde döredilýän tozanyň, tozany sorup çykarmak ulgamlarynyň kömegi bilen dolandyrylýandygyny we galyndylaryň pes derjeli bolýandygyny we diňe umumy içerki işlerden emele gelýändigini

tassyklady. Önümçilik prosesinde ulanylýan pagta sapaklary galyndy materiallary hökmünde tassyklandy, olar pagta önümçiligi netijesinde galan ýakyn meýdanlardan alynýar. Kompaniýa önümçilik prosesinde ulanylýan takmynan 20 tonna formaldegid rezini saklaýar. Bu howply material ýeterlik derejede saklanýar we Kompaniýa islendik hadysalara garşy adatdan daşary ýagdaý meýilnamalarynyň barlygyny tassyklady. Kompaniýa, formaldegidiň ýerine az howply ýa-da howply däl alternatiwalaryny göz öňünde tutmaýandygyny tassyklady.

Zähmet goragy boýunça aýratyn inžener hänrmeni bellendi we ol Saglygy goraýyş we Howpsuzlyk tehnikasy boýunça (SGHT) jogapkär işgär bolup durýar. Kompaniýanyň zähmet kodeksine we SGHT-ny kadalaşdyrýan beýleki hukuk namalaryna laýyk gelýändigi tassyklandy. SGHT boýunça tälim, ähli işgärlere işe başlamazdan öň we soňraky döwürde ýylyň her çärýeginde bir gezek berilýär. Kompaniýanyň ähli işgärleri her ýyl lukmançylyk gözegçiliginden geçýärler we işlemäge ukyplylyklaryny tassyklamak üçin müşderä saglyk şahadatnamalary görkezilýär.. Kompaniýa, işgärleriň tehnikanyň hereket edýän böleklerine sezewar bolmazlygy üçin zerur bolan çäreleriň amala aşyrylýandygy we täze enjamlary oturtmak işi üpjün edijiniň jogapkärlidigini tassyklady.

Taslama üçin DSSHM işlenip düzüldi we Kompaniýa bilen ylalaşyldy. DSSHM kompaniýanyň bar bolan Daşky gurşaw, SGTH dolandyryş ulgamlarynyň ISO standartlaryna laýyk gelmek üçin mundan beýläk-de ösdürmegi, işçileriň arz-şikaýat mehanizmini mundan beýläk-de ösdürmegi, önümçilik prosesinde ulanylýan çig mal bilen baglanyşykly üpjünçilik zynjyrlaryna baha bermegi, enjamlary izolirlemek üçin olary bellemek /aýratyn tutmak ulgamy we täze önümçilik liniýasy işe girizilmezden ozal ýerine ýetirilmeli ýangyn we saglyk howpsuzlygy barlagy we ýerine ýetirilmeli ähli düzediş çäreleri ýaly amallar talap ediler. Bank, ýyllyk DS hasabatlaryny gözden geçirmek arkaly taslamanyň DS işine gözegçilik eder we zerur hasap edilen halatynda önümçilik desgalaryna baryp ýerinde goşmaça barlaglary geçirer.

# Tehniki Hyzmatdaşlyk

1. Agaç-gyryndy plitasynyň (DSP) önümçiligini giňeltmek üçin iş meýilnamasy: ÝTÖB kiçi telekeçiler üçin maslahatnama (**ASB**) arkaly ÝB-niň Merkezi Aziýa üçin maýa goýum serişdeleri tarapyndan maliýeleşdirilýän iş meýilnamasyny taýýarlamak; 8,100 Ýewro, şol sanda müşderiniň 25% möçberinde goşandy.

2. Maliýe ýagdaýy boýunça barlag (DD): Şereketiň maliýe ýagdaýyny barlamak; ÝTÖB-yň Ýörite Paýdarlar Gaznasy ("**SSF**"); 13,190 ýewro, şol sanda müşderiniň 30% möçberinde goşandy.

3. Ýerli kanunçylyk boýunça barlag (DD): şertnamalary we taslamalary Türkmenistanyň kanunçylygy nukdaýnazaryndan gözden geçirimek; **ÝPG** ("**SSF**"); 14,260 ýewro, şol sanda müşderiniň 30% möçberinde goşandy. Karz alyjy /Hemaýatkärler, Birleşik Patyşalygyndan (UK) geňeşçini işe çekmek üçin 100% ýa-da 12,000 ýewro möçberinde goşant goşdy.

# Goşmaça

1. Maliýeleşdirme gurluşy: ÝTÖB, täjirçilik çeşmelerinden amatly **şertlerde we ýagdaýda** elýeterli bolmadyk maliýeleşdirmegi hödürleýär, ýagny bazarda seýrek duş gelýän has

uzyn ýeňillik döwri, çäklendirilen DÝW (daşary ýurt walýutasy) maliýeleşdirilmesi we ş.m.

2. Töwekgelçiligi azaltmak: ÝTÖB, **ýurt, kadalaşdyryjy ulgamy, taslama, ykdysady aýlaw ýa-da syýasy töwekgelçilikler ýaly maliýe däl töwekgelçilikleri** azaltmak arkaly müşderilere we maýadarlara rahatlyk berýär.

3. Standart goýmak: taslamalara we müşderilere has ýokary standartlary gazanmaga ýardam bermek: Müşderi energiýa we daşky gurşaw barlaglary arkaly üpjün edilýän, tehnologiýalaryň minimal öndürijilik standartlary, daşky gurşaw bilen baglanyşykly strategiýalar we ýörelgeler, gözegçilik, hasabat we barlag (GHB) ulgamlary we ş.m.ÝTÖB-nyň **energiýa we tebigy çeşmeleriň netijeliligini we daşky gurşaw durnuklylygyny** maliýeleşdirmek boýunça tejribesini ulanmak/peýdalanmak islegini bildirýär.

# Kärhana bilen habarlaşmak üçin maglumatlar

Ýakup Berdiýew
yakup.berdiyev@mail.ru
+99363000207
Görogly köçesiniň 139/1 jaýy, 744000 Aşgabat, Türkmenistan

## Geçiş barada düşünje

ÝTÖB-nyň geçişiň täsirini kesgitlemek boýunça çemeleşmesi barada goşmaça maglumaty şu ýerde tapyp bilersiňiz.

## Işewürlik üçin mümkinçilikler

Işewürlik mümkinçilikler ýa-da satyn alynmalar babatda müşderi kompaniýa ýüz tutmagyňyzy haýyş edýäris.

Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Banky bilen iş mümkinçilikleri boýunça (satyn alynmalar bilen bagly bolmadyk) habarlaşmak üçin:

Telefon: +44 20 7338 7168;
E-Mail: projectenquiries@ebrd.com

Döwlet pudagyndaky taslamalar üçin ÝTÖB-nyň satyn alynmalary bilen tanyşyň

Telefon: +44 20 7338 6794
E-mail: procurement@ebrd.com

## Umumy soraglar

Aýratyn soraglar boyunça ÝTÖB-nyň maglumat haýyşhamasy üsti bilen ýüz tutup bilersiňiz.

# Ekologiýa we Sosial syýasaty (ESS)

Ekologiýa we Sosial syýasatynda (ESS) we degişli Netijelilik Talaplarynda (NT), "ekologiki howpsuz we durnukly ösüşe" ýardam bermek boýunça ÝTÖB-nyň özüne degişli bolan jogapkärçiligi ýerine ýetirmekligiň ugurlary görkezilen. ESS we NT milli kanunçylykda talap edilýän jemgyýetçilige habar we maslahat berilmegi müşderileriň tarapyndan berjaý edilmegi, şeýle hem esasan müşderiniň taslamany ekologiýa we sosial taýdan ýerine ýetirilişi bilen bagly gyzyklanýan taraplaryň aladalaryny we şikaýatlaryny kabul edip çözmek maksady bilen arz-şikaýatlara serediş mehanizmini döretmek üçin ýörite düzgünleri öz içine alýar. Taslamanyň ekologiki we jemgyýetçilik howpunyň we täsiriniň häsiýetine we göwrümine baglylykda, ÝTÖB gerek bolan halatynda öz müşderilerinden, goşmaça, taslamalaryň netijesinde ýüze çykýan howpy we täsiri barada maglumatlary aýan etmeklerini, ýa-da gyzyklanýan taraplar bilen manyly maslahatlary geçirmeklerini we olaryň soraglaryna öwrenip jogap bermeklerini talap edýär.

ÝTÖB-nyň bu meselä degişli tejribesi barada has takyk maglumat ESS-da kesgitlenen.

# Dogryçyllyk we laýyklyk

ÝTÖB-nyň Gözegçilik Bölümi, ýokary halkara tejribesine laýyklykda Bankyn ähli alyp barýan işleri, dogryçyllygyň ýokary standartlaryna laýyk gelýändigini üpjün edip dogry dolandyryşa ýardam edýär. Bankyň dogruçyllygyna howp döredip ýa-da at-abraýyna zeper ýetirip biljek taslamalaryň öňüni almak maksady bilen, Bankyň ähli müşderileri degişli barlagdan geçirilýär. Ýüze çykan meseleler taslamanyň bahalandyrma döwründe aýan edilip çözülse, onda Bank alyp barýan işlerini dogruçyllyk bilen alyp barylýandygyny üpjün etmegiň iň netijeli usuly diýip hasap edýär.
Bankyň Gözegçilik Bölümi bankyň dogruçyllygyny goramak işlerini alyp barmakda esasy orny eýeleýär, şonuň bilen hem, taslamalary maliýeleşdirilenden soň dörap biljek töwekgelçiliklere gözegçilik etmekde ýardam berýär.

Mundan başga-da, Bankyň Gözegçilik Bölümi ÝTÖB tarapyndan maliýeleşdirilýän taslamalarda galplyk, korrupsiýa we bikanunçylyk barada tassyklamalary derňemeklige jogapkärçilik çekýär. Kim bolsada, Bankyň işgäri ýa-da başga, galplyk ýa-da korrupsiýa barada güman ýüze çykan halatynda Bankyň Gözegçilik Bölümine degişli compliance@ebrd.com elektron poçtasyna hat üsti bilen hasabat ugratmaklygy hökmanydyr. Hasabatda ähli mälim edilen meseleler, Bankyň Gözegçilik Bölümi tarapyndan barlag üçin serediler. Ähli hasabatlar, şol sanda hem anonimler, hökmany ýagdaýda serediler. Hasabatlar Bankyň ýada Bankyň iş alyp barýan döwletleriniň islendik dilinde tabşyrylyp bilner. Tabşyrylan maglumatyň halal-wyždanly bolmagy hökmanydyr.

# Maglumata Ygtyýarlylyk Syýasaty (MYS)

Bankyň strategiýasy, syýasaty we alyp barýan işleri bilen tanyşdyryp olar barada düşünjeleri ýokarlandyrylmak maksady bilen 2020-nji ýylyň 01-nji ýanwaryndan güýje gireninden başlap Maglumata Ygtyýarlylyk Syýasaty (MYS) ÝTÖB-nyň maglumaty nähili aýan edýändigini we gyzyklanýan taraplar bilen maslahatlary nähili geçirýändigini kesgitleýär. ÝTÖB-nyň web saýtynda, haýsy maglumatlaryň elýeterdigini bilmek üçin, Maglumata Ygtyýarlylyk Syýasaty sahypamyza girip bilersiňiz.

Maglumat boýunça aýratyn talaplaryňyzy ÝTÖB-nyň maglumat haýyşnama üsti bilen talap edip bilersiňiz.

# Taslamanyň Garaşsyz Hasabat berme Mehanizmi (TGHM)

Eger, ekologiki, sosial ýa-da jemgyýetçilik maglumaty aýan etmek boýunça meseleleri Müşderi ýa-da Bank bilen (mysal üçin, Müşderiniň Taslama derejesinde arz-şikaýatlara seretmek mehanizminiň ýa-da Bankyn ýolbaşçylary bilen gönümel işleşmek üsti bilen) çözmek boýunça tagallalar üstünlikli bolmasa, onda aýratyn şahslar we guramalar ÝTÖB-nyň Taslamanyň Garaşsyz Hasabat berme Mehanizmi (TGHM) üsti bilen öz meselelerini çözmäge synanyşyp bilerler.

Hasabat berme mehanizmi, Taslamanyň zyýan beren (ya-da zyýan berip biljek) hökmünde görülýän meselelerini garaşsyz ýagdaýda öwrenýär. Mehanizmiň maksady: ekologiýa, sosial we jemgyýetçilik maglumaty aýan etmek boýunça meseleleri çözmek üçin Taslama gyzyklanma bildirýän taraplaryň arasynda gepleşik geçirilmegine ýardam bermek; Bank öz Ekologiki we Sosial Syýasatyny ýa-da Maglumata Ygtyýarlyk Syýasatynyň Taslama degişli düzgünnamalary berjaý edýändigini tassyklamak; şeýle hem, uýgulanmagy mümkin halatlarda, syýasata laýyk ýerine ýetirilmeýän ýagdaýlary ýok etmek, we şunuň bilen birlikde geljekde Bank tarapdan laýyklyk ýörlegesini berjaý etmeginden ybarat bolup durýar.

Taslamanyň Garaşsyz Hasabat berme Mehanizmi web-sahypasyna girip, gizlin onlaýn formanyň üsti bilen - elektron poçta, poçta ýa-da telefon arkaly Arz-şikaýaty nähili tabşyryp bolýandygyny öwrenip bilersiňiz. TGHM Siziň Taslama boýunça Hasabat berme Syýasaty we Gollanma bilen bagly soraglaryňyza jogap berip we aladalaryňyzy ara alyp maslahatlaşmaga taýýar. Arzaçylaryň şahsy maglumatlary olaryň isleglerine görä gizlin galyp biler.